# Özara gürrüñ / gysga ýumor

Category: Hekaýalar,Kitapcy,Satiriki hekaýalar
написано kitapcy | 24 января, 2025
Özara gürrüñ / gysga ýumor ÖZARA GÜRRÜÑ

– Hemme zady öz eliñ bilen gazanmak diýilýäni şu bolsa gerek – diýip, Mariýa Alekseýewna diwanda ärine golaý süýşdi. – Sen öýdäki islän zadyñy sora, men onuñ haçan, nädip, nähili ýagdaýlarda satyn alnandygyny aýdyp bereýin. Iñ bärkisi şol gün nähili howa bolanlygynam aýdaýyn. Ine, şu garnitury täze ýylyñ öñüsyrasy alypdym.
– Men şonda nirdedim – diýip, äri sorady.
– Sen şonda Wasýa, okaýardyñ. Iñlis dili kursunda okaýardyñ. Köp okay. Ol kursam pulludy.
Wasýa özüni müýnli ýaly duýdy.
– Dikkensi asyl nusgasynda her kim okap bilmeýär ahyryn. Sen muny…
– Hawa – diýip, Mariýa Alekseýewna baş atdy. – Onsoñ, telewizor satyn aldym.
– Men şonda nirededim?!
– Şol ýerde, kursdadyñ. Dikkensi asyl nusgasynda okaýardyñ – diýip, aýaly ýylgyrdy.
– Krowat hem geýim saklanýan şkaf üçin puly meniñ ejem beripdi. – diýip, Wasýa hem ondan kem galmajak boldy.
– Dogry. Ol puly ynamly ellere, ýagny maña beripdi… Aşhanadaky goşlary bolsa praktikant studentler getirişipdi.
Ol äriniñ berjek soragyndan öñürtiläp dowam etdi.
– Sen şonda okaýardyñ. Ekskursowod bolmak üçin okaýardyñ. Seniñ şäherlere syýahat edesiñ gelýärdi… Onsoñ men şu häzirki oturan diwanymyzy satyn aldym.
– Men şonda işleýärdim-ä – diýip, Wasýa garşylyk görkezdi.
– Hawa, işleýärdiñ. Ekskursowoddyñ. Suzdal şäherinde bir ýyllap bolupdyñ… Onsom oturgyçlary satyn aldym.
– Men şonda nirededim – diýip, Wasýa sorady.
– Sen okaýardyñ. Dilewar bolmak üçin okaýardyñ – diýip, aýaly kesä bakdy.

– Men şonda dogrudanam okaýardym – diýip, Wasýa seslendi.
– Sen şonda hiç ýerde okaňokdyň. Gije-gündiz Nina Gorohowalardan çykmaýardyň.
– Maşa – diýip, Wasýa boýnuny burdy. – Men nalajedeýin ekenim, bikär ekenim. Adam däl ekenim. Kow, meni kow. Kow, Maşa, sen meni näme üçin saklaýaň.
– Mebel hökmünde saklaýan – diýip, Mariýa Alekseýewna uludan demini aldy.

Lidiýa PLOTNIKOWA.

Terjime eden: Dädebaý AMANOW.

«Edebiýat we sungat» gazeti, 1986. Satiriki hekaýalar